Bilşimiz ýaly, ýakynda geçirilen “Open Mathematical Olympiad for University Students” (OMOUS) 2024 halkara olimpiadanyň netijeleri mälim boldy. Ýagny, çekeleşikli giden bäsleşikde türkmen-ýaş olimpiýaçylary baýrakly orunlary gazandylar. Bu bäsleşige ýurdumyzyň ähli ýokary okuw jaýlarynyň biri-birinden ökde talyp-ýaşlary gatnaşdylar. Türkmen Döwlet Energetika Institutynyň talyp ýaşlary hem bu bäsleşige özleriniň goşantlaryny goşdular.

Olardan:

**3 sany altyn medal: A kategoriýadan Döwletow Gurt, Annaýew Muhammet, Goçyýew Nurmuhammet;**

**1 sany kümüş medal: Turaýew Baýram;**

**2 sany bürünç medal: Gurbangeldiýew Akmuhammet, Täçliýew Ýakup.**

Institutymyzyň hem-de Watanmyzyň abraýyny has-da ýokarlandyran, dünýä döwletlerine äşgär eden talyplarymyzyň begençleriniň çägi ýok. Olaryň mundan beýläk-de ýene-de üstünlik gazanjakdyklaryna biz tüýs ýüregimizden ynanýarys. Biz hem agzybir mugallymlar bolup, şular ýaly bäsleşiklere ýene-de mundan hem güýçli talyp-ýaşlary ýetişdirmek üçin elimizde baryny gaýgyrmarys!

**Şageldi HUDAÝBERDIÝEW**
**Türkmen Döwlet Energetika**
**institutynyň amaly mehanika**
**kafedrasynyň mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 19.01.2025